***Şu günler ýurdumyzda güneşli tomus pasly dowam edýär. Bu möwsümde çagalaryň dynç alşy hem ýokary guramaçylykly geçirilýär. Ýurdumyzyň altyn geljegi hasaplanylýan körpe nesilleriň sagdyn ösmegini, mynasyp dynç almagyny, ruhubelent kemala gelmegini, milli ruhda terbiýelenmegini gazanmak maksady bilen mekdebe çenli çagalar edaralarynda hem meýilnamalaýyn işler alnyp barylýar.***

Gyzyklanma we göwnaçma çäreleriniň çagalar bakja-baglarynda ýokary derejede geçirilmegi çagalaryň sazlaşykly ösüşini üpjün edýär. Bu döwürde çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna görä duýgulary ösdüriji öwrediji oýunlar, hereketli oýunlar, many-mazmunly oýunlar, aýdym-sazly göwnaçmalar, ertekiler dünýäsine gezelençler gyzykly we täsirli ýagdýada guralýar. Körpeler bilen geçirilýän bäsleşikler, sport çykyşlary, şüweleňler we dürli görnüşdäki çäreler usuly talaplara laýyklyk guralyp, olarda milli döwrebap terbiýeçilik däplerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Ýeri gelende bellesek, bu möwsümde çagalaryň beden taýdan sagdyn ösüşini gazanmak maksady bilen taplama çäreleri hem maksadalaýyk guralýar. Biz hem çagalar bakja-bagymyzda tomus sagaldyş möwsüminde geçirilýän işleri talabalaýyk guramaga çemeleşip, körpe nesilleriň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny gazanmak ugrunda tejribelerimizi barha artdyrýarys. Bu döwürde guralýan ähli işler geljekde bagtyýar nesillerimiziň kämil ýaşlar bolup ýetişmeklerine itergi berer.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bagtyýar çagalaryň erkin, şadyýan we ruhubelent dynç almaklary we terbiýelenmegi ugrunda ähli mümkinçilikleri döredip berýän hem-de pedagogik işgärleriň hünär taýdan kämilleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berýän Milli Liderimize hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlar aýdýarys!

**Gözel GURBANOWA,**
**Mary şäheriniň 48-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026